**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna**
на 1 июня 2025 года
as of June 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÖSÜŞ BANKYNDA DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI
4

## SELJERIŞ MAKALALARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

DAŞARY YKDYSADY IŞ WE MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLER
6

IŞ ÝERINDE MAGLUMAT HOWPSUZLYGYNY WE KIBERHOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEGIŇ DÜZGÜNLERI
9

SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÝURDUŇ DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEKDÄKI ORNY
12

HUSUSY PUDAGYŇ MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLERI ÝOKARLANÝAR
15

MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY MALIÝELEŞDIRMEKDE HALKARA MALIÝE GURAMALARYNYŇ ORNY
17

SANLY ULGAMYŇ AÝDYŇ ÝOLY
19

GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN - PARAHATÇYLYGYŇ WE DOSTLUGYŇ MEKANY
21

MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ KUWWATYNY PUGTALANDYRMAK - DÖWLET SYÝASATYMYZYŇ BAŞ UGRY
23

MÜŞDERI-BANK GATNAŞYKLARYNY ÝOLA GOÝMAGYŇ HUKUK ESASLARY
25

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
28

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
30

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2025-nji ýylyň maý aýynyň 5-9-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Işgärler bilen işlemek boýunça bölümleriniň hünärmenleri, arhiw işgärleri üçin «Bank ulgamynda işgärler syýasaty» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda işgärler bilen zähmet şertnamasyny hem-de zähmet ylalaşygyny baglaşmagyň düzgünleri, işde işgär bilen ýüze çykýan meseleleriň hukuk taýdan çözülişi, estetika – özüňi alyp barmagyň medeniýeti, banklaryň Işgärler bilen işlemek bölümlerinde geçirilýän barlaglaryň netijesinde ýüze çykarylýan kemçilikler we olary aradan aýyrmagyň ýollary, ýolbaşçy we işgäriň arasyndaky işjeň gatnaşyklar, karz edaralary tarapyndan ýolbaşçy we jogapkärli wezipelere hödürlenen dalaşgärleri söhbetdeşlikden geçirmegiň düzgünleri we talaplary, işgärleriň şahsy jildini we zähmet depderçesini ýöretmegiň tertibi, ýurdumyzyň banklarynda işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklygyny kesgitlemek boýunça hünär synagynyň geçirilişi, ykdysady okuwlaryň gurnalyşy ýaly ugurlarda degişli maglumatlar bilen çykyşlar edildi.

2025-nji ýylyň maý aýynyň 12-16-njy senelerinde banklaryň auditor gulluklarynyň we içki gözegçilik müdirlikleriniň hünärmenleri üçin geçirilen «Bank auditi» atly okuw maslahatynda auditorlyk işi, banklarda içerki gözegçilik we auditiň guralyşy, karz edaralarynda bank gözegçiligi barlaglarynyň guralyşy, buhgalter amallaryna soňraky gözegçilik, auditor töwekgelçiligi we auditor barlagynyň netijesiniň resmileşdirilişi, banklarda içerki gözegçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 50-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÖSÜŞ BANKYNDA DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 21-nji maýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň guramagynda «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan – bütin dünýäniň halkara parahatçylyk we ynanyşmak Watany!» atly dabaraly maslahat geçirildi.

Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň edara binasynda guralan maslahatyň çäginde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň sergisi ýerleşdirildi.





Maslahatyň dowamynda parahatçylyk ýörediji ýurt bolan hemişelik Bitarap döwletimiz adamzadyň naýbaşy gymmatlygynyň mizemez ýollaryny gurup, dünýä halklarynyň arasynda dost-doganlygyň, agzybirligiň, sylag-hormatyň berkemegine we ösmegine mynasyp goşant goşýandygy, Türkmenistanyň dünýä döwletlerini ynanyşmaga, agzybirlige, ynsanperwerlige çagyrýandygy barada buýsançly çykyşlar boldy.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň halkara maliýe derejesini pugtalandyrmak bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmek, halkara maliýe guramalary, sebitleýin ösüş banklary bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, ykdysady taýdan ähmiýetli pudaklary karzlaşdyrmagy kämilleşdirmek ugrunda alnyp barylýan işler dogrusynda beýan edildi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat yzygiderli durmuşa geçirilmek bilen, ýurdumyz sebit we ählumumy derejede köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi



ugrunda çykyş edýär. Halkara guramalary, dünýä döwletleri bilen gatnaşyklar nusgalyk derejede alnyp barylýar, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly Ösüş Maksatlary üstünlikli amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işlerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri döwletimiziň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň özenini düzýär. Türkmenistan Bitaraplyk ýörelgesine ygrarly bolmak bilen, «Dialog — parahatçylygyň kepili» taglymatyndan ugur alyp, halkara gatnaşyklaryň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmegine, ählumumy howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine uly goşant goşýar.

Ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlanylmagy, Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» hem-de «Merkezi Aziýa — parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamalaryň biragyzdan kabul edilmegi bolsa dünýä döwletleriniň ýurdumyza bolan ynamyny, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşary syýasat strategiýasynyň, mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine gönükdirilen tagallalarynyň hem-de deňhukukly we özara bähbitli başlangyçlarynyň rowaçlyklara beslenýändigini görkezýär.

Geçirilen maslahatda hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde geňder deňliginiň dabaralanýandygyny, zenanlaryň jemgyýetde tutýan orny, olaryň durmuş taýdan goraglylygy baradaky çykyşlar hem öz beýanyny tapdy.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar ýurdumyzyň halkara maliýe derejesini pugtalandyrmakda, bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmekde, halkara maliýe guramalary, sebitleýin ösüş banklary bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmekde ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlaryny beýan etdiler.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi



# SELJERIŞ MAKALALARY

## DAŞARY YKDYSADY IŞ WE MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLER

Dünýä ykdysadyýetine işjeň goşulyşmak islendik ýurduň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan, uly ähmiýet berilýän ugurlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistanyň bu babatdaky şertleri köpugurly häsiýete eýe bolup, dünýäniň ösen ýurtlarynyň öňdebaryjy tejribelerine esaslanyp yzygiderli ösdürilýär. Şonuň ýaly-da, ol milli ykdysadyýetiň özboluşly häsiýetli aýratynlyklaryndan ugur alýar. Geosyýasy we geoykdysady taýdan amatly ýerde ýerleşýän ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn esasda giň mümkinçiliklere eýedigini geçen ýyllarda Diýarymyzda durmuşa geçirilen we netijeli dowam etdirilýän iri taslamalaryň mysalynda hem görmek bolýar. Bu işde ýurduň maýa goýum mümkinçiliklerini ilerletmek hem möhüm orna eýe bolup, maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagynda durnukly ösüşi nazarlaýan maksatlardan ugur alynýar. Munuň özi daşary ykdysady işiň netijeliliginiň maýa goýum syýasatyny ösdürmekde wajypdygyny äşgär edýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň gerimi örän giňeldildi. Onuň bitewi toruna birnäçe iri halkara guramalardyr maliýe düzümleri goşulyp, ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagyna ýokary derejede ýardam etdi. Şunuň bilen baglylykda, halkara hyzmatdaşlygyň dürli netijeli ugurlar boýunça ösdürilmegine hem möhüm ähmiýet berilýär. Gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň hatarynda maýa goýum hyzmatdaşlygynyň geljegini yzygiderli geçirilýän maslahatlardyr duşuşyklaryň esasy mowzugyna öwrülýär. Dünýä ýurtlarynyň öňdebaryjy maliýe guramalary ýurdumyzda ykdysadyýeti innowasion taýdan ösdürmäge, önümçilik, tehnologiki we söwda aragatnaşyklarynyň halkara ulgamyna Türkmenistanyň has-da ýakynlaşmagyna gönükdirilip, durmuşa geçirilmegi maksat edinilýän taslamalara uly gyzyklanma bildirýärler.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ykdysadyýetiň, ýurdumyzy senagat, ylmy-tehniki taýdan ösdürmegiň wajyp wezipeleri bilen kesgitlenilýän maýa goýum syýasaty ahyrky netijede halkymyzyň durmuş derejesiniň, ýaşaýşynyň hiliniň ýokarlandyrylmagyna, jemgyýetiň, her bir raýatyň döredijilik we ruhy mümkinçiliginiň has doly açylmagyna ýardam etjek şertleriň döredilmegine gönükdirilendir. Döwlet Baştutanymyz döwletimiziň maýa goýum syýasatynyň strategiki ileri tutulýan ugurlaryny kesgitläp, dünýä bazarynda Türkmenistanyň bäsdeşlige ukyplylyk artykmaçlyklaryndan ugur alýar. Bu bolsa, ilkinji nobatda, ägirt uly tebigy serişdelere baglydyr. Olaryň senagat taýdan gaýtadan işlenilmegi hem-de ýokary tehnologiki taýýar önümleriň çykarylmagy ýurdumyzyň esasy ykdysady ugry bolup durýar. Ýurdumyzyň sebitiň we yklymyň wajyp ulag-logistik merkezine öwrülmegi, gazylyp alynýan çig mal ýataklaryny senagat taýdan gaýtadan işlemek we ýerli çig mal serişdelerinden ýokary goşmaça binýady bolan taýýar önümleri öndürmek ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň wajyp ugurlarynyň birine öwrüldi.

Maýa goýum ykdysady ösüşiň we halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasy şerti bolup çykyş edýär. Dünýä ykdysadyýetinde emele gelen maliýe-ykdysady çökgünlige garamazdan, ýurdumyzyň ähli ulgamlary boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgininiň ýokarlanýandygyny we girdejililik derejesiniň barha artýandygyny bellemek gerek. «Fitch Ratings» halkara reýting agentliginiň Türkmenistana beren bahasynyň ýokarydygy hem bu ugurdaky işleriň netijeliligini doly tassyklaýar. Bu öz gezeginde daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň möçberleriniň artdyrylmagyna, karz beriş şertleriniň ýönekeýleşdirilmegine hem-de tutuşlygyna Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam berer.

Milli ykdysadyýetimizi düýpli özgertmek hem-de Türkmenistanyň ykdysady taýdan gülläp ösmegini üpjün etmek maksady bilen, giň möçberli maýa goýum syýasatynyň amala aşyrylmagy maýalaryň halkara bazarlarynda ýurdumyzyň Hökümetiniň wekili hökmünde çykyş edýän

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işleriniň möhüm ugurlarynyň biridir. Milli ykdysadyýetimize daşary ýurt karzlaryny çekmek babatda bank tarapyndan daşary ýurtlaryň dürli maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň we özara hereketleriň ajaýyp tejribesi toplanyldy. Bankyň döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde netijeli tagallalary edýändigini bellemek gerek.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralary, maliýe guramalary we hususy kärhanalar bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlarynyň, esasan-da Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda bank ýigrimä golaý ýurduň banklarynyň we maliýe guramalarynyň elliden gowragy bilen işjeň hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEC gaznasy we beýlekiler bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Döwlet daşary ykdysady iş banky 1994-nji ýyldan bäri Yslam ösüş bankynyň, 2001-nji ýyldan bäri Hususy pudagy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasynyň, 2019-njy ýyldan bäri Maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasynyň, şeýle-de 2021-nji ýyldan bäri Söwdany maliýeleşdirmek boýunça halkara Yslam korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edýär.

Innowasion häsiýetli önümçiliklere maýa goýmak durmuş üpjünçiligi pudaklarynyň we halk hojalygy ulgamlarynyň ösüş maksatnamalaryna netijelilik bermäge, ýurdumyzyň öndürijilerini, şol sanda hususy öndürijileri goldamaga, diňe bir üstünlik bilen importyň ornuny tutmaga däl, eýsem, ýurduň barha artýan girdejisiniň çeşmesi bolan isleg bildirilýän harytlaryň hasabyna eksport kuwwatlyklaryny giňeltmäge mümkinçilik berýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän önümçilik ulgamynyň düzümleýin özgertmeleri tehnologiki taýdan gaýtalan enjamlaşdyrylmagy hem-de döwletimiziň geosyýasy ýagdaýyny nazara alyp, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna goşulmagy hut şol talaplardan gözbaş alýar. Türkmenistanyň makroykdysady durnuklylygynyň esasyna öwrülen bu özgertmeleriň üstünlikleri, içeri we daşary syýasatyň yzygiderliligi, oňat ösen düzümler hem-de önümçilik serişdeleri daşary ýurtlaryň göni maýa goýumlary üçin ýurdumyzyň özüne çekijiligini şertlendirdi. Munuň özi kärhanalary innowasion taýdan enjamlaşdyrmak, pudaklary döwrebaplaşdyrmak bilen bilelikde häzirki zaman dünýä tehnologiýalaryna ýol açýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi bilen bagly amala aşyrylýan maýa goýum taslamalaryny goldamak maksady bilen, ýurdumyzyň nebitgaz, senagat we kommunikasiýa, oba hojalyk hem-de energetika pudaklarynyň, saglygy goraýyş ulgamynyň ministrlikleriniň we dolandyryş edaralarynyň ähmiýetli önümçilik, hyzmat ediş desgalarynyň gurluşyklarynyň, tehnikalaryň, enjamlaryň satyn alynmagynyň taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin abraýly halkara maliýe guramalary hem-de daşary ýurtlaryň abraýly banklary bilen netijeli hyzmatdaşlyk yzygiderli esasda ösdürilýär. Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynda onkologiýa hassahanalarynyň gurluşygynyň taslamalaryny maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Saud Ösüş gaznasy bilen Karz ylalaşygyna gol çekildi.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş banky tarapyndan ençeme iri maýa goýum ylalaşyklary baglaşyldy. Innowasion häsiýetli dürli ugurly önümçilikleriň döredilmegine halkara maliýe düzümleri uly möçberde serişdeleri goýberdiler. Munuň özi hem bu düzümleriň ygtybarly we jogapkär hyzmatdaş hökmünde Türkmenistana doly ynam bildirýändigine şaýatlyk edýär. Döwletiň maýa goýum syýasaty Türkmenistanyň bar bolan ägirt uly tebigy serişdeleri, şeýle hem geografik taýdan amatly ýerleşmegi we üstaşyr mümkinçilikleri babatda dünýä bazarynda bar bolan bäsdeşlik artykmaçlyklaryndan ugur alýar. Ýurdumyzda «Açyk gapylar» syýasatynyň netijeli alnyp barylmagy, ykdysady durnuklylyk we ýurduň amatly syýasy ýagdaýy, kanunçylyk kepillikleri hem-de döwlet goldawy daşary ýurtly maýadarlar üçin Türkmenistana bolan gyzyklanmalaryň barha artmagyny üpjün edýän esasy şertleriň biridir.

«Daşary ykdysady iş hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynyň kanunçylyk binýadyny emele getirýär. Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde özüniň milli bähbitlerini ikitaraplaýyn baglaşylýan şertnamalaryň we ylalaşyklaryň esasynda halkara ykdysady hyzmatdaşlyklaryň düzgünlerine laýyklykda gorap saklaýar.

Maýa goýum serişdeleriniň möçberlerini artdyrmak, milli ykdysadyýetimiziň ösüş derejesini ýokarlandyrmak, maýa goýumlaryň hilini kämilleşdirmek hem-de milli we sebit ähmiýetli täze taslamalary durmuşa geçirmek üçin daşary ýurtlaryň iri işewür düzümleriniň hem-de abraýly halkara maliýe edaralarynyň maýa serişdelerini çekmek maksady bilen Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Abu-Dabiniň ösüş gaznasy bilen bilelikde «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetini döretdi we işe girizdi. Munuň özi ýurdumyzyň maýa goýum syýasatyny döwrüň talaplaryndan ugur alyp ösdürmekde netijeli hem-de giň gerimli işleriň durmuşa geçirilýändiginiň güwäsidir. Bu ugurdaky işleri has-da ýokary derejede ilerletmek babatda geljegi uly maksatnamalaýyn wezipeler kesgitlenilip, içeri we daşary ykdysady gatnaşyklaryň sazlaşykly ulgamy kemala gelýär.

**Gurban ŞYHLYÝEW,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Tehniki üpjünçilik bölüminiň başlygy



# IŞ ÝERINDE MAGLUMAT HOWPSUZLYGYNY WE KIBERHOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEGIŇ DÜZGÜNLERI

Häzirki zaman jemgyýeti maglumat tehnologiýalarynyň çalt ösmegi bilen bilelikde kiber giňişligiň möhüm bir bölegine öwrüldi. Internet, sanly maglumatlar, onlaýn hyzmatlar durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bu ösüş bilen birlikde, maglumatlaryň we ulgamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi has-da möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Kiberhowpsuzlyk ýa-da maglumat tehnologiýasynyň howpsuzlygy – kompýuter ulgamlaryny we torlaryny gizlin maglumatlaryň syzmagyndan, enjamlarynyň, programma üpjünçiliginiň ýa-da elektron maglumatlarynyň zaýalanmagyndan, degişli hyzmatlaryň näsazlyklaryndan we bökdençliklerinden goramak bilen häsiýetlendirilýär. Kiberhowpsuzlyk edara-kärhanalaryň, guramalaryň we raýatlaryň şahsy maglumat çeşmelerini kibergiňişlikde kiberhüjümlerden goramagy maksat edinýär. Kiberhowplaryň ýaýramagy internet ulgamy arkaly jemgyýetçilik metbugatlarynda içki torlardan we başga-da köp zatlaryň üsti bilen elýeter bolan maglumatlaryň has köpelmegi bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli pudaklarynda sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy bilen, işiň netijeliligi artýar, iş şertleri ýeňilleşýär, sarp edilýän wagt tygşytlanýar we beýleki ençeme amatlyklar döreýär. Iş ýerlerinde, edara-kärhanalarda döwrebap ulgamlardan we programma üpjünçiliklerinden giňden peýdalanylýar. Şol ulgamlar we programma üpjünçilikleri ýörite niýetlenen torlarda işledilýär. Torlaryň birnäçe görnüşleri bar, olaryň esasylaryna mysal hökmünde: içki (korporatiw) we internet torlaryny görkezmek bolar. Sanly ulgamlaryň giňden ulanylmagy bilen, iş ýerlerinde bu torlaryň we ulgamlaryň maglumat howpsuzlygyny hem-de kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek zerur bolup durýar.

Ilkinji nobatda, içki we internet torlary fiziki taýdan aýratyn gurnalmaly. Şeýle hem, kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bildirilýän talaplar berjaý edilmeli. Bank ulgamynda maglumat howpsuzlygyny we kiberhowpsuzlygy üpjün etmek işlerinde «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2024-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda 1764 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan «Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoragy hem-de maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň tertibinden, talaplaryndan we çärelerinden», bankyň içki düzgünnamalaryndan, tertiplerinden, gözükdirijilerinden hem-de bu ugurda kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alynýar.

Maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişi üç sütünden ybarat: gizlinlik, bitewilik we elýeterlilik. Halkara adalgalarynda muňa «CIA (Confidentiality, Integrity, Availability) Triad» üç burçlugy diýilýär. Bu adalgany gysga mysal görnüşde düşündirip bileris: müşderi «Internet-bank» ulgamyna birigende tory goragly bolmaly, alyş-çalyş edilýän maglumatlary keseki adamlar okap bilmeli däl (gizlinlik), iberilýän we kabul edilýän maglumatlar keseki adamlar tarapyndan üýtgedilip bilinmeli däl, bitewi bolmaly (bitewilik), şeýle-de hyzmat 24/7 tertipde elýeter bolup, bökdençsiz işlemeli (elýeterlilik). Göräýmäge ýönekeý, emma şu üç sütüniň talabalaýyk işlemegi üçin hünärmenlerden başlap, jogapkär işgärlere çenli dowamly işleriň alnyp barylmagy zerur bolup durýar.

Beýan edilenlere laýyklykda, iş ýerlerinde maglumat howpsuzlygynyň we kiberhowpsuzlygyň üpjün edilmegi boýunça birnäçe esasy düzgünleriň sanawy taýýarlanyldy.

**1. Düzgünnamalar we kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen tanyşmak.**

Ilkinji nobatda, hünärmenler maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlyk çygrynda

bankda we ýurdumyzda bu ugurlarda hereket edýän düzgünnamalar, tertipler, gözükdirijiler, kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen tanyşdyrylmaly, meýilnamalaýyn tertipde okuw maslahatlary, wagyz-nesihat işleri gurnalmaly. Her bir işgär bu kadalaşdyryjy namalaryndan gelip çykýan talaplardan habarly bolmaly, her bir adalgadyr-talaplar hünärmenlere jikme-jik düşündirilmeli.











**2. Çylşyrymly açar sözlerini ulanmak.**

Açar sözleri - maglumat howpsuzlygynyň binýady, kompýuter ulgamlaryna we torlaryna rugsatsyz girmekden goramagyň birinji setiri. Açar sözüniň düzüminde baş harp, setir harp, san ýaly belgileriň (simwollaryň) bolmagy möhümdir. Açar sözüniň uzynlygy azyndan 9 elementden ybarat bolmaly. Açar sözleri at, doglan güni ýaly aňsat çaklanylýan sözlerden ybarat bolmaly däl. Ýönekeý açar sözleri kiberhüjümçiler tarapyndan tiz wagtda döwülýär. Açar sözleri gowşak bolsa zyýanly programmalar tarapyndan hem çaklanylyp bilinýär. Açar sözi keseki adamlara aýan bolan ýagdaýynda kompýutere we ulgamlara elýeterlilik döreýär. Çaklamasy kyn bolan açar sözleri ulanylmaly. Şeýle-de, açar sözleriniň yzygiderli, azyndan aýda 1 gezek çalşylmagy, öň ulanylan we meňzeş açar sözleriniň ulanylmazlygy maslahat berilýär.

**3. Antiwirusdan peýdalanmak.**

Her bir kompýuterde zyýanly programma üpjünçiliklerine garşy antiwirus programmasy gurnalyp, olaryň gorag binýady yzygiderli täzelenip durulmaly. Kompýuterde USB/CD-DVD maglumat göterijilerini işletmezden ozal, olary hökmany ýagdaýda antiwirus barlagyndan geçirmeli. Häzirki döwürde antiwiruslaryň mümkinçilikleri hem artyp, olar kompýuterleri diňe zyýanly programmalara garşy goraman, eýsem tor akymyny seljermek, tor akymyny onuň hereketini, gollary (signaturalary) boýunça kesgitlemek we goramak ýaly döwrebap wezipelere eýedir.

**4. Näbelli elektron poçtalaryndan we web salgylaryndan ägä bolmak.**

Dünýä ýüzünde iň köp ýaýran kiberhüjümleriniň biri – «phishing» hasaplanylýar. «Phishing» – bu elektron salgylary ýa-da intertnet ulgamy arkaly aldaw ýoly bilen edilýän hüjüm bolup, näbelli salgylary, hatlary ulanyja ibermek we ulanyjynyň şol salgy boýunça geç-

mäge mejbur etmek. Mysal hökmünde näbelli elektron salgydan ynandyryjy hatyň gelmegini we nätanyş web salgysyna geçmekligiň haýyş edilmegini görkezip bolar. Nätanyş salga geçilen mahaly, kompýutere zyýanly programmalaryň ýüklenmegi, hat-da kiberhüjümçiniň kompýuteri doly eline geçirmegi ähtimallygy uludyr. Şeýle ýagdaýlarda näbelli elektron poçtalaryny açmazlyk, hatlaryň kimden gelýändigini anyklamak, şübheli ýagdaýlarda bolsa ulgam administratoryna habar bermek dogry hasaplanylýar.

Web sahypalaryna girilende onuň salgysyna üns berilmeli we diňe iş zerurlygy bilen bagly sahypalardan peýdalanylmaly. Web sahypalaryň salgysynyň öňünde «https» (gorag sertifikatynyň bardygyny aňladýar) ýazgysy bolup, sahypa girilende hiç hili duýduryş çykmaly däl.

**5. Fiziki goragy üpjün etmek.**

Iş otagyndan bäş minutdan köp çykylan halatynda, kompýuteriň monitoryny öçürmeli, işden gaýdylanda bolsa kompýuteri elektrik togundan öçürip çykmaly. Şeýle hem, oňa degişli açar sözleri iş ýerinde kagyzlarda ýazylmaly däl. Muňa halkara adalgasynda «clean table policy» diýilýär, ýagny iş stollarynyň arassa bolmagy, gizlin maglumatlaryň bolmazlygy hökmanydyr.

Umuman aýdylanda, iş ýerlerinde maglumat howpsuzlygyny we kiberhowpsuzlygy üpjün etmek üçin ýönekeý düzgünler şulardan ybarat. Galyberse-de administratorlar, jogapkär hünärmenler tarapyndan berjaý edilmeli düzgünleriň sanawy hem bar.

Ýurdumyzyň pudaklaryna sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak, döwlet dolandyryş ulgamyna öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň, täze iş orunlarynyň döredilmeginiň ösüşini üpjün etmek babatda giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn!

**Ata MAHMUDOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Kibergorag merkeziniň
Maglumat gözegçilik bölüminiň başlygy

SELJERIŞ MAKALALARY

# SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ÝURDUŇ DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEKDÄKI ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda durmuş-ykdysady taýdan barha kuwwatlanýan ýurdumyzda, mähriban halkymyzyň ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän köpugurly döwrebap bank hyzmatlaryndan peýdalanyp, özleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda gowulandyrmaklary üçin giň mümkünçilikler döredilýär.

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan oýlanyşykly başlangyçlar bilen başy başlanyp, häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän milli Maksatnamalara we Konsepsiýalara laýyklykda, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurtlarynyň iş tejribesinden, şeýle hem ilatyň döwrebap ösýän isleglerinden ugur alyp, bank hyzmatlarynyň hilini yzygiderli kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.





Bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça döwletimiz tarapyndan uly göwrümli maýa goýum taslamalary maliýeleşdirilýär, kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaklygyň hasabyna ösdürilýär, häzirkizaman innowasion tehnologiýalary karz edaralaryna ornaşdyrylyp, bank hyzmatlarynyň gerimini günsaýyn giňeldilýär we ýurdumyzyň ilatyna köp ugurly, ýokary hilli bank hyzmatlarynyň häzirkizaman görnüşleri hödürlenilýär.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň işi karz edaralary bilen aýrylmaz özara arabaglanyşykda bolup, şol pudaklary sanly ulgama geçirmek arkaly ösdürmek üçin ilkinji nobatda bu işleriň karz edaralarynda kämil derejede ýola goýulmagy möhüm şertleriň biri bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, häzirki wagtda ýurdumyzda banklaryň işiniň diwersifikasiýalaşdyrlyp, sanly tehnologiýalara esaslanýan bank hyzmatlarynyň görnüşleriniň artdyrylmagy, müşderilere menzilara bank hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin zerur bolan şertleriň döredilmegi, öz gezeginde ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny hem döwrebap derejede ösdürmäge, olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmäge amatly mümkünçilikleri döredýär.

Görşümiz ýaly, häzirki zaman dünýäsi ähli ugurlar babatda örän tiz ösýär we özgerýär. Ylmyň gazananlary ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyryp, olaryň döwrebap bank hyzmatlaryna bolan isleglerini has-da artdyrýar. Ilatyň täze bank hyzmatlaryndan peýdalanmaga bolan isleginiň günsaýyn artmagy, öz gezeginde banklar tarapyndan müşderilere ozaldan teklip edilip gelnen bank önümleriniň adaty görnüşlerini döwrüň ösýän talaplaryna laýyklykda has-da kämilleşdirip, sanly tehnologiýalara esaslanýan häzirkizaman bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ýola goýulmagyny karz edaralarynyň öňünde möhüm wezipe edip goýýar. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bank amallaryny sanly in-

nowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini müşderilere hödürlemek bilen bir hatarda bu ulgamlaryň maglumat we kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreleri amala aşyryldy.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ornaşdyrylýan sanly hyzmatlar ýurdumyzda giňden durmuşa geçirilýän ýaşyl ykdysadyýetiň durnukly ösüşi üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýär, çünki ýaşyl ykdysadyýet adamzadyň tebigy baýlyklara bolan jogapkärçilikli gatnaşygyny häsiýetlendirip, onuň esasy maksady häzirkizaman, ekologiýa taýdan arassa innowasion tehnologiýalary ýurdumyzyň ykdysadyýetine oýlanşykly ornaşdyryp, raýatlaryň tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaklaryny we sebitlerde daşky gurşawyň goraglylygyny üpjün etmek arkaly milli ykdysadyýetimiziň gelejekki nesillerimiz üçin durnukly ösüşini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, häzirki döwürde karz edaralar tarapyndan ornaşdyrylýan sanly tehnologiýalar milli ykdysadyýetimiziň binýadyny has-da kämilleşdirmäge ýardam bermek bilen bir hatarda müşderilere banka gelmezden özleriniň bank amallaryny günüň islendik wagtynda onlaýn tertipde amala aşyrmak boýunça döredilýän mümkinçilikler bir tarapdan, olaryň gymmatly wagtlaryny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýän bolsa, beýleki bir tarapdan, ýurdumyzda hereket edýän ulaglaryň gatnawlarynyň mukdaryny çäklendirip, netijede daşky gurşawyň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, häzirki döwürde Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan karz serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän iri möçberli taslamalaryň tehniki-ykdysady esaslandyrmalary seljerilende, şol taslamalaryň diňe bir importyň ornuny tutýan we eksporta ukyply täze önümçilik pudaklaryny döretmek mümkinçiliklerini göz öňünde tutulman eýsem-de, ilkinji nobatda şol karz taslamalar boýunça gelejekde öndüriljek önümleriň ýurdumyzyň ilatynyň sarp edijiliginde olaryň sagdyn durmuşyny, şeýle hem daşky gurşawyň milli we sebit derejesinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge nazarlanan taslamalaryň bolmagyna hem aýratyn ähmiýet berilýär.

Bellenilip geçilişi ýaly, häzirki döwürde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýurdumyzda hereket edýän milli Maksatnamalara we Konsepsiýalara laýyklykda, sanly ulgam arkaly ornaşdyrylýan «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlarynyň mümkinçiliklerini has-da kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Bu ugurda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan sanly ulgam boýunça döredilýän bank hyzmatlaryndan peýdalanýan müşderileriň sany we olar boýunça geçirilýän amallaryň möçberi hem günsaýyn artýar. Muňa mysal hökmünde 2025-nji ýylyň ýanwar-maý aýlarynyň dowamynda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň milli manatdaky kartly töleg ulgamynda nagt däl görnüşinde geçirilen amallaryň jemini geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 15,3 göterime barabar (şol sanda töleg terminallary boýunça - 14,1 göterim, bankomatlar boýunça – 2,3 göterim, elektron söwda boýunça - 46,9 göterim we «Mobil-bank» boýunça - 24,6 göterim) ýokarlanandygyny görkezmek bolar.

Ýakyn gelejekde Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan ýörite ykjam programmalar arkaly bank kartlaryny ulanmazdan sanly kartlar boýunça galtaşyksyz tölegleri amal etmek mümkünçiligini özünde jemleýän taslamany tapgyrlaýyn esasda ýola goýlup, bu ugurda geçirilýän amallaryň geriminiň has-da giňeldilmegi bilen, ýurdumyzyň raýatlarynyň serişdelerini we gymmatly wagtlaryny tygşytlamaga, şeýle hem ýurdumyzda sanly ulgam arkaly ýaşyl ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmäge zerur bolan şertleri döretmek boýunça degişli çäreleri geçiriler.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini özgertmekde aýratyn ähmiýete eýe bolan sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi, gelejegi uzak möhletleýin strategiki ösüşlere esaslanýan milli ykdysadyýetimiziň, şol sanda bank ulgamynyň işini kämilleşdirmäge, bu ugurdan täze önümçilik pudaklaryny we iş orunlaryny döredip, ýurdumyzyň gelejegi bolan ýaş nesillere özleriniň hünär ussatlygyny has-da kämilleşdirmäge, sanly aragatnaşyk ulgamy babatynda şäherler bilen obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmaga we mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini döwrebap derejede ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri döreder.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň milli Maksatnamalary we Konsepsiýalary boýunça bank ulgamynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak ugrunda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan mundan beýläk hem giň gerimli işleriň alnyp barylmagy dowam etdiriler.

Bank ulgamynda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, geçirilen özgertmeleriň ählisi ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, milli ykdysadyýete sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, döwletimiziň dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ata Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara we üstünliklere beslensin!

**Annadurdy MELÄÝEW,**
Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe müdirliginiň Ykdysady görkezijileri seljeriş
we metodologiýa bölüminiň baş hünärmeni



## SELJERIŞ MAKALALARY

# HUSUSY PUDAGYŇ MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLERI ÝOKARLANÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Watanymyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Şunda ýurdumyzda amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmäge aýratyn üns berilýär.

Daşary ýurtly maýadarlaryň iş alyp barmagy üçin amatly şertleriň döredilmegi hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýänleriň sanynyň artmagyna oňyn täsirini ýetirýär we maýa goýum mümkinçiliklerimizi has-da ýokarlandyrýar. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistan maýa goýum mümkinçiliklerini üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, halkara söwda ulgamynda birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine jogapkärçilikli çemeleşýär.

Ýurdumyzyň maýa goýum strategiýasynda milli ykdysadyýetiň hususy pudagynyň işiniň ilerlemegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şoňa görä, häzirki döwürde telekeçilik başlangyçlaryny goldamak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek babatda zerur şertleri döretmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» we beýleki giň gerimli maksatnamalara laýyklykda, türkmen telekeçileriniň ähli ugurlarda netijeli işlemekleri üçin amatly şertler döredilýär. Şu ýylyň 7-nji fewralynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwlet Baştutanymyzyň «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum maksatnamasyny» tassyklamagy «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän we hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna beslenýän şu ýylda Watanymyzy ösüşiň täze belentliklerine çykarmak babatda möhüm ädim boldy. Maksatnamanyň esasy ugurlarynyň biri kiçi we orta telekeçiligiň ösdürilmegine hemmetaraplaýyn goldaw bermekden ybaratdyr. Amatly işewürlik gurşawyny döretmek, bazar gatnaşyklaryna geçmegi çaltlandyrmak, dürli pudaklarda telekeçilik işiniň gerimini giňeltmek, döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň dürli görnüşlerini ösdürmek, döwlet emlägini hususylaşdyrmak göz öňünde tutulan esasy wezipeleriň hataryndadyr.

2025-nji ýylyň 18-nji martynda Aşgabatda hususy pudaga maýa goýumlaryny çekmek boýunça «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum geçirildi. Geçirilen forumda milli ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri bolan hususy pudaga maýa goýumlary çekmek, bu ugurda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly wezipeler öňe sürüldi. Bu bolsa ýurdumyzda netijeli maýa goýum syýasatyny alyp barmak üçin zerur şertler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda  kuwwatly çig mal binýadynyň bolmagynyň, maýa goýumlar babatda ygtybarly hukuk binýadynyň döredilmeginiň türkmen bazarynyň özüne çekijiligini üpjün edýändigi, dünýä ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge giň ýol açýandygy aýratyn belenildi.

Dünýäniň çar tarapyndan döwlet we hususy işewürlik düzümleriň, halkara guramalaryň we maýadarlaryň ýüzlerçesini jemleýän forumlaryň özara bähbitli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde täze mümkinçiliklere ýol açýar.

Döwlet tarapyndan goldaw berilmegi bilen, hususy bölek durmuş-ykdysady özgertmeleri amala aşyrmakda möhüm orny eýeleýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň Senagatçylar we teleke-

çiler birleşmesiniň agzalary ýurdumyzyň jemgyýetçilik we syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýarlar.

Türkmen telekeçileri tarapyndan karz serişdeleriniň, çekilen maýa goýumlaryň hasabyna dürli pudaklara degişli desgalar gurulýar, täze zawod-fabrikler işe girizilýär. Bu kärhanalarda öndürilýän önümler içerki bazary dürli görnüşli önümler bilen üpjün edip, olaryň eksporta iberilýän möçberi-de yzygiderli artdyrylýar.

Milli ykdysadyýetiň daşary ýurt maýadarlar üçin özüne çekijiligi ýurtda döredilen maýa goýum ýagdaýyna gönüden-güni bagly bolup durýar. Ýurdumyzyň bitaraplyk ýörelgelerine pugta ygrarlylygy, dünýä gatnaşyklaryna açyklygy, baý tebigy gorlaryň we ýokary hünärli işçi güýjüniň barlygy, maýa goýumlar ulgamynda dünýä boýunça iň ýokary talaplara laýyk gelýän kanunçylyk binýadynyň döredilýändigi we yzygiderli kämilleşdirilýändigi daşary ýurtly işewürleriň öz maýa goýum işini işjeňleşdirmeginiň möhüm şerti bolup durýar. Daşary ýurtly maýadarlaryň netijeli işlemegi üçin ýurdumyzda iň ýokary talaplara laýyk gelýän şertleri döretmek wezipesi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Ýurdumyzda nebit-gaz, himiýa, saglygy goraýyş we derman senagaty, ulag-aragatnaşyk, maliýe-bank ulgamlaryny ösdürmek boýunça taslamalary amala aşyrmak maksady bilen, daşary ýurt maýalarynyň akymyny artdyrmak üçin amatly maýa goýum ýagdaýyny döretmek barada ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň gurluşyk we gurluşyk serişdeleri senagaty ulgamynyň, Hazar deňziniň türkmen bölegininiň uglewodorod serişdelerini gaýtadan işlemek boýunça maýa goýum mümkinçilikleri babatynda dünýäniň öňdebaryjy işewürleri gyzyklanýarlar. Şeýle hem ýurdumyzyň dokma, energetika, azyk senagaty, oba hojalyk, maglumat we aragatnaşyk pudaklarynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň häzirki döwürde alyp barýan daşary ykdysady işleri dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen söwda-ykdysady we maýa goýum gatnaşyklarynyň täze, has netijeli usullarynyň kemala getirilmegine gönükdirilendir.

Ählumumy maýa goýum maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurduň hususy bölegininiň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga, önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, onuň dünýä bazaryndaky ornuny pugtalandyrmaga, degişli ugurlar boýunça täze gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna, özara tejribe alyşmaga amatly şertleri döredýär.

**Aknur KOÇUMOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

**Çemen KAKALYÝEWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy

# MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY MALIÝELEŞDIRMEKDE HALKARA MALIÝE GURAMALARYNYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady syýasatynda maýa goýum işjeňligi uly ähmiýete eýedir. Milli ykdysadyýetimiz kabul edilen we üstünlikli amala aşyrylýan milli Maksatnamalaryň, konsepsiýalaryň we meýilnamalaryň netijesinde ýokary depginlerde maýa goýumlary bilen üpjün edilýär. Maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmekde göni maýa goýumlaryny çekmek we özleşdirmek ykdysadyýetiň ösmegine ýardam edýär, durmuş-ykdysady özgertmelere kuwwatly höweslendirme bolup hyzmat edýär. Maýa goýum taslamalary, kanunçylyga we tassyklanan kadalara we düzgünlere laýyklykda işlenip düzülen zerur taslama resminamalaryny, şeýle hem maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin durmuşa geçirilýän çäreleriň beýanyny hem öz içine almak bilen, maýa goýumlaryň ykdysady mümkinçiligini, göwrümini we wagtyny esaslandyrmakdyr.

Türkmenistan döwletimiz bilen köp ýyllaryň dowamynda hyzmatdaşlyk edýän, ýurdumyzda bilelikdäki maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýan daşary ýurt kompaniýalarynyň 2025-nji ýylyň 19-njy martynda Aşgabatda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahata gatnaşmaklary we olaryň mundan beýläk-de bilelikdäki hyzmatdaşlyga uly höwes bildirýändikleri muňa şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde, maýa goýum taslamalarynyň maliýeleşdirilmeginde halkara maliýe institutlary we guramalary örän uly goşant goşýarlar. Şu ýerde ýurdumyzyň iri banklarynyň biri bolup çykyş edýän Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyny belläp geçsek maksadalaýyk bolar diýip hasap edýäris. Sebäbi bu bankyň halkara maliýe institutlary we guramalary bilen degişli taslamalary maliýeleşdirmeginde uly hyzmata eýedir. Muňa mysal edip: Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» bankynyň hyzmatdaşlygynda ýurdumyzyň Oba we suw hojalyk ministrligi üçin Ýewropanyň (Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyny, Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen, Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky we gatnaşyjy maliýe guramalar bilen, Şweýsariýanyň «Credit Suisse AG» we Germaniýanyň «Commerzbank AG» bilen ylalaşyklara gol çekilmegini we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýola goýlan maýa goýum taslamalaryna deliller hökmünde görkezmek bolar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralar, maliýe guramalary we hususy kärhanalar, bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň döwlet daşary ykdysady iş banky dünýäniň ýigrimä golaý ýurdunyň elliden gowrak daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirýär we ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi goldamak we bu ugurda taslamalary maliýeleşdirmek

üçin hem Yslam Ösüş bankynyň Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy, OPEK, Halkara ösüş gaznasy, Arap we fransuz banklaryň bileleşigi, Abu-Dabi Ösüş gaznasy bilen maliýe ylalaşyklaryna gol çekildi.

«Maliýe institutlarynyň Merkezi we Günorta Aziýadaky ykdysady taslamalary durmuşa geçirmäge gatnaşmaklary» atly jemleýji mejlisde edilen çykyşlarda abraýly halkara guramalar, şol sanda iri maliýe düzümleri bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridigi bellenilip geçildi. Ýurdumyzyň ýangyç-energetika pudagyny, energiýa serişdelerini ugratmagyň eksport mümkinçiliklerini has-da artdyrmak, döwrebap üstaşyr ulag infrastrukturasyny döretmek ýola goýlan netijeli maýa goýum gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadygy bellenildi. Türkmenistan döwletimiz tebigy serişdeleriň baý gorlaryna eýe bolmak bilen ony, diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly energetika ulgamyny ösdürmäge ygrarlydyr. Bu möhüm ugurda taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi diňe bir sebitde däl, eýsem bütin dünýäde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär. Şu nukdaýnazardan ýurdumyzda energiýanyň arassa, daşky gurşawa zyýansyz bolmagy ugrunda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Munuň özi bolsa ýurdumyzdaky durnukly energetika taslamalaryna halkara maliýe düzümleriniň gatnaşmagy üçin uly mümkinçilikleri döredýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýandygyny nygtaýar. Muňa mysal edip, 2024-nji ýylyň awgust aýynda agentlik tarapyndan Türkmenistanyň reýtingi «B+ oňyn» derejesinden «BB- durnukly» çaklama bahasyna çenli ýokarlandyrlandygyny görkezmek bolar. Munuň özi bolsa bankyň köpugurly işiniň ygtybarlylygyny, hyzmatlarynyň yzygiderli esasda kämilleşdirilýändigini, şeýle-de daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hyzmatdaşlyk ugurlaryny giňeldýändigini görkezýär. Bu ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň uly netijelere eýe bolmagy üçin ýokary görkezijidir. «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeler ýurdumyza çekilýän maýa goýumlarynyň möçberini has-da artdyrmaga we çekilýän karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede bolsa ýurduň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam edýär.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris!

**Maýa MYRADOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

**Şöhrat ÇARYÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# SANLY ULGAMYŇ AÝDYŇ ÝOLY

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän ykdysady strategiýada sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly ygtybarly milli bank ulgamynyň döredilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu wezipäni çözmek ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi, çünki karz edaralarynyň işiniň döwrüň talaplaryna laýyklykda guralmagy milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny, innowasion ösüşini, onuň ählumumy ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün etmäge goşant goşýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň bank ulgamyny kämilleşdirmekde öňdebaryjy usullary, iň täze tehnologiýalar arkaly nagt däl tölegleriň amala aşyrylmagyna, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän hem-de dünýä tejribesinde işjeň ulanylýan bank kartlaryny, dürli ykjam goşundylary ulanmak bilen ýerine ýetirilýän amallaryň gerimini giňeltmäge, elektron töleg ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga we onuň goraglylygyny üpjün etmäge uly ähmiýet berilýär. Şonuň bilen birlikde häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmak, nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmak boýunça hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini hem-de pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak babatda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» hyzmatlaryň üsti bilen ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi arkaly, hyzmatlary ykjam telefon arkaly çalt we amatly ýagdaýda ýerine ýetirmek mümkinçiligi döredildi hem-de müşderiler bu hyzmatlaryň mümkinçiliginden häzirki döwürde giňden peýdalanýarlar, şeýle hem sanly ulgamy ösdürmeklikde bu hyzmatlary yzygiderli kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

2025-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan bankomatlaryň, töleg terminallaryň, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» we «Menzilara bank» hyzmatlary arkaly nagt däl görnüşinde geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 1 856,6 mln. manada ýetdi, bu bolsa bellenilen meýilnamadan 874,9 mln. manat ýa-da 89,1 göterim ýokarlandy, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende bolsa 1,9 esseden artdy.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky boýunça 2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlaryna birikdirilen müşderileriň sany degişlilikde 435,6 müňe we 16,9 müňe ýetdi, bu görkezijiler geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 9,6 we 12,0 göterim artdy. Munuň özi raýatlarymyzyň nagt däl hasaplaşyklar arkaly geçirilýän amallara islegleriniň günsaýyn artýandygyna şaýatlyk edýär.

2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky boýunça ýurdumyzyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlarynyň sany 2 123,5 müňe golaý bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 5,8 göterim ýokarlandy. Bank tarapyndan ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda bank kartlarynyň üsti bilen söwda we dynç alyş nokatlarynda, myhmanhanalarda, hassahanalarda, dermanhanalarda, şeýle hem agyz suwy, elektrik togy, tebigy gaz ýaly jemagat hyzmatlarynyň tölegleri tölemekde, bank karzlaryny we olara hasaplanan göterimleri yzyna gaýtarmak ýaly banklar tarapyndan geçirilýän tölegleriň ähli görnüşlerini ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredildi.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny öz wagtynda ýerine ýetirmek, şol sanda geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek hem-de raýatlarymyza amatly şertleri döretmek maksady bilen, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan belli bir müşderiler toplumyna, söwda we hyzmat ediş

ugurlaryna bagyşlap «Cash back» hyzmatyny işe girizip durýarlar. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «Goýum bank karty» saklaýjy müşderilerine we «Altyn asyr» bank kartlaryny saklaýjy kärendeçi müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde geçirilen tölegler boýunça 2 göterim möçberinde «Cash back» hyzmatyny hödürleýär. Şeýle görnüşli hyzmatlary beýleki karz edaralarynyň mysalynda hem görmek bolýar.

Mundan başga-da bankymyz tarapyndan «Menzilara bank» ulgamynyň üsti bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internete birikdirilen enjam arkaly tölegleriňizi geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga we olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň, goýumlaryň töleg tertibini görmäge hem mümkinçilik berýär. Şeýle-de özbaşdak karz serişdelerine gözegçilik edip, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşyp, dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirip bolýar. Bu hyzmat ulgamyna birikdirmek üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bolýar. Müşderiler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan ulanyjynyň adyny we «Açar sözüni» alyp, ýörite internet sahypasyndaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bolýar. Bu hyzmat ulgamy pul serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berýär. «Menzilara bank» ulgamy boýunça 2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna edara görnüşli taraplaryň we hususy telekeçi bolan müşderileriň sany 4,5 müňe deň bolup, jemi 1 397,5 mln. manat möçberinde amallar ýerine ýetirildi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynda daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan raýatlarymyz üçin «VISA» we «MasterCard» halkara kartlarynyň hasabyny onlaýn görnüşinde doldurmaga mümkinçilik berýän şahsy taraplar üçin «Menzilara bank» hyzmaty hem ornaşdyryldy.

Bankymyz raýatlara «Talyp karzy», «Toý karzy», «Owerdraft», kiçi göwrümli karzlar, sarp ediş karzy ýaly karzlaryň amatly görnüşlerini ýerine ýetirip gelýär. Ýaňy ýakynda bank tarapyndan müşderileriň islegine görä sanly ulgam arkaly, ýagny bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň üsti bilen sarp ediş karzyny almaklyk hem ýola goýuldy. 2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna iki ýüze golaý müşderiniň ýüztutmalary hasaba alnyp, 4 952,0 müň manat möçberinde karz serişdeleri resmileşdirildi.Bulardan başgada-da bank tarapyndan hödürlenýän karzyň beýleki görnüşleri üçin ýüz tutmalaryny hem onlaýn görnüşinde bankyň www.dayhanbank.gov.tm resmi internet sahypasynyň üsti bilen kabul etmeklik ýola goýlan. 2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna «Onlaýn-karz» ýüztutmalary arkaly jemi 5,4 müňden gowrak müşderiler hasaba alnyp, berlen karzlaryň möçberi 152 742,6 müň manada deň boldy.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda amala aşyrylýan işleriň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak baradaky taýsyz tagallalarynyň netijesidir.

Bize ajaýyp zamanada ýaşamaga, işlemäge, döretmäge ähli mümikinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli alyp barýan işleriniň elmydama rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Ykdysady seljerme we maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN - PARAHATÇYLYGYŇ WE DOSTLUGYŇ MEKANY

Türkmenistanyň Prezidentiniň parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat yzygiderli durmuşa geçirilmek bilen, ýurdumyz sebit we ählumumy derejede köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ugrunda çykyş edýär. Halkara guramalary, dünýä döwletleri bilen gatnaşyklar nusgalyk derejede alnyp barylýar, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly Ösüş Maksatlary üstünlikli amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyz dünýä döwletleri, şol sanda iri halkara guramalary bilen özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak bilen bir hatarda, şol hyzmatdaşlygyň dostlukly hem-de umumadamzat derejesinde bähbitli we oňaýly gatnaşyklardan ybarat bolmagy ugrunda tagalla edýär. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen dostluk we ynanyşmak arkaly ýola goýlan netijeli gatnaşyklar bu gün has ygtybarly häsiýete eýe bolýar.

2024-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň Mejlisi 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek barada karar kabul etdi. Bu Kararyň esaslandyrmasynda parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň abadan geljegini üpjün etmek üçin biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly iň gymmatly düşünjeler bolup, häzirki wagtda şol düşünjeleriň döwletleriň we halklaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de ösüşiň baş ýörelgesine öwrülýänligi aýratyn nygtalýar.

Türkmenistan Bitaraplyk ýörelgesine ygrarly bolmak bilen, «Dialog-parahatçylygyň kepili» taglymatyndan ugur alyp, halkara gatnaşyklaryň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmegine, ählumumy howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlanylmagy, Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamalaryň biragyzdan kabul edilmegi dünýä döwletleriniň ýurdumyza bolan ynamyny, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşary syýasy strategiýasynyň, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine gönükdirilen tagallalarynyň, deňhukukly we özara bähbitli oýlanyşykly başlangyçlarynyň rowaçlyklara beslenýändigini görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz «Bitarap Türkmenistan» atly kitabynda «Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk il-halkymyz üçin şanly geljegiň täze gözbaşydyr, biziň edebi ýolumyzdyr, ýene bir gezek nygtap aýtsam, döwletliligimiziň goşa ganatydyr, ertirki durmuşymyzyň sagdyn esaslarydyr» diýip belleýär.

«2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan ýylymyzyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda Birleşen Milletler Guramasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamasy üçünji gezek kabul edildi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda bu Kararnama 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Kararnamalaryna salgylanyp kabul edildi.

Gadymy döwürlerden bäri ösen siwilizasiýalaryň hem-de olary birleşdirýän kerwen ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän Merkezi Aziýa söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ilerlemeginde

möhüm merkez bolup hyzmat edipdir. Häzirki döwürde-de sebitiň üstaşyr ulag geçelgeleri diňe bir harytlary daşamagyň däl, eýsem dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmagyň hem serişdesi bolup durýar. Bu günki gün Türkmenistan parahatçylygyň durnukly ösüşini üpjün etmegiň binýadydygy baradaky ýörelgeden ugur alyp, Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň bähbidine gönükdirýär.

Şunda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» anyk ugurlar kesgitlenýär. Maksatnamanyň Türkmenistanyň maliýe-ykdysady syýasaty» atly bölüminde «Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy maksady milli pulumyzyň satyn alyjylyk ukybyny berkitmek bilen, ýurdumyzyň senagat we innowasion taýdan ösüşine goldaw bermek arkaly onuň ösüşine goşmaça itergi bermekden ybarat bolar. Orta möhletleýin döwürde ýurdumyzyň pul dolanyşygynyň kadalaşdyryjy gurallaryndan we karz edaralarynyň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolan degişli binýat ösdüriler.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň kadalaşdyryjy usullary bank gözegçiliginiň we kadalaşdyrmasynyň halkara tejribesine esaslanyp kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň bank ulgamy buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçirildi hem-de ýurdumyzyň karz edaralarynyň işjeňligine ýyllyk halkara auditini geçirmek ýola goýuldy. Bütindünýä banky bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde Bazel komitetiniň maslahatlaryna laýyklykda prudensial bank gözegçiligi ulgamynyň kämilleşdirilmegi ugrundaky taslama amala aşyryldy. Halkara pul gaznasynyň goldawy bilen birnäçe pul-karz görkezijileriň gysga möhletli çaklamasy boýunça usulyýet çemeleşmeleri kämilleşdirildi.

Watanymyzy bedew bady bilen öňe alyp barýan, Bitaraplyk taglymatyny dünýä ýaýýan Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Niýazsoltan NOBATOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň
«Buhgalterçilik hasaba alnyşy» kafedrasynyň uly mugallymy,
Ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ KUWWATYNY PUGTALANDYRMAK - DÖWLET SYÝASATYMYZYŇ BAŞ UGRY

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan döredijilikli ýoly üstünlikli dowam etdirýän, ýurdumyzy ösüşleriň belent sepgitlerine tarap alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän giň gerimli özgertmelerinde «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelge öz beýanyny tapýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda giň möçberli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň ösüşiň we abadançylygyň ýoly bilen ynamly öňe gitmegini şertlendirýär. Ykdysady ösüşleriň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna gönükdirilmegi ýurdumyzda adam hakyndaky aladanyň ileri tutulýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynyň möhüm bölegi bolan «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak, eksporty ýokarlandyrmak we içerki önümçiligi ösdürmek, azyk howpsuzlygyny we ekologiýa durnuklylygyny saklamak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Täze sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna we ekologiýa taýdan arassa ykdysadyýetiň ösdürilmegine, ýurduň durnukly we deňagramly ösüşine aýratyn ähmiýet berilýär.

Alnyp barylýan bu işleriň netijesi ykdysady görkezijilerde hem aýdyň görünýär. 2024-nji ýylda maýa goýumlar 9,1 göterim artdy. Türkmenistanyň jemi içerki önümi 6,3 göterim ýokarlandy, şol bir wagtda umumy ykdysady işjeňligiň maýa goýumlarynyň paýy 17,6 göterime ýetdi.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda şu ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 40 milliard manatdan gowrak maýa goýumlary gönükdirmek göz öňünde tutulan.

Häzirki wagtda ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşini gazanmak, innowasiýalary ornaşdyrmak we halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek ugrunda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Milli ykdysadyýetimiziň «ýaşyl» energetika ugrundaky başlangyçlary, «akylly» infrastruktura maýa goýumlary we kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmäge edýän yzygiderli synanyşyklary, dünýä ykdysadyýetiniň täzeliklerine gabat gelýän ykdysadyýetiň döwrebaplaşýandygyny görkezýär. Işewürlik düzgünleriniň ýönekeýleşdirilmegi, erkin ykdysady zolaklaryň giňeldilmegi we halkara maliýe institutlary bilen gatnaşyklarynyň berkemegi uzak möhletleýin üstünligi üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýe bolar.

Ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakda ýurdumyzda üstünlikli durmuşa





geçirilýän oýlanyşykly pul-karz syýasatynyň ähmiýeti uludyr. Şunuň bilen baglylykda, pul dolanyşygynyň netijeliligi ýokarlanýar, bank işjeňligi artýar, bank önümleriniň we hyzmatlarynyň täzeçil, döwrebap görnüşleri ilata hödürlenilýär. Muny döwletimiziň bank edaralary tarapyndan dünýä tejribesine esaslanyp edilýän ýokary hilli hyzmatlaryň mysalynda aýdyň görmek bolýar. Nagt däl hasaplaşyklar boýunça edilýän hyzmatlaryň ýaýrawyny giňeltmek, menzilara bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek, ileri tutulýan ugurlarda maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak bilen, ilata hödürlenilýän goýum hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça ýerine ýetirilýän ygtybarly amallar müşderileriň banka bolan ynamyny artdyrýar.

Maliýe-bank ulgamynda we beýleki ugurlarda amala aşyrylýan döwrebap özgertmeleriň maksady ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakdan, ileri tutulýan pudaklarda uly ösüşleri gazanmakdan, şunuň bilen baglylykda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmakdan ybaratdyr. Ýurduň ösüşiniň ähli ugurlaryny öz içine alýan köptaraplaýyn durmuş-ykdysady özgertmeleriniň çalt depginler bilen amala aşyrylmagy bolsa hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer döwlet syýasatynyň miweleridir.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmäge, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda batly ösüş depginini üpjün etmäge gönükdirilen işler şu ýyl hem üstünlikli alnyp barlar.

Ajaýyp zamanamyzda merdana halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak, bedew bady bilen belent ösüşleri nazarlaýan ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmek, halkara abraýyny ýokarlandyrmak ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

**Laçyn NURYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Kesearkaç» şahamçasynyň Buhgalter hasaby we
hasabatlar bölüminiň esasy hünärmeni

# MÜŞDERI-BANK GATNAŞYKLARYNY ÝOLA GOÝMAGYŇ HUKUK ESASLARY

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilen ägirt uly özgertmeler geçirilýär. Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem banklaryň müşderleri we olar bilen hyzmatlarynyň kämilleşdirilmegi we sanlylaşdyrylmagydyr. Bank önümleriniň we hyzmatlarynyň kämilleşdirilişiniň we ösüşiniň mümkinçilikleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda beýan edilýär.

Häzirki wagtda, ýurdumyzyň bank ulgamynyň berk maddy we hukuk binýady döredildi. Täjirçilik banklary halkara ülňülerine laýyk gelýän häzirki zaman tehnologiýalary we programma üpjünçiligi bilen doly enjamlaşdyryldy. Banklar tarapyndan hödürlenýän ýokary hilli hyzmatlar ilatyň arasynda uly islege eýe bolup, olar ähli ugurlar boýunça müşderilere ýokary hilli hyzmatlar hödürleýärler. Her bir raýatyň özüne hyzmat edýän täjirçilik bankynyň üsti bilen karz almaga, goýum hasabyny açmaga, şeýle hem, nagt däl tölegleriň dürli görnüşleri bilen hasaplaşyk geçirmäge mümkinçiligi bar. Banklarda ornaşdyrylýan innowasion tehnologiýalar we häzirki zaman programma üpjünçiligi bilen bir hatarda her bir müşderiniň aýratynlyklaryny düýpli öwrenmeklik arkaly bank işini guramaklyk ilatyň bank önümlerine bolan isleglerini öz wagtynda ýokary hilli doly kanagatlandyrylmagyna mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň bank kanunçylygynda bellenilişi ýaly, karz edaralarynyň müşderiler bilen özara gatnaşyklary, eger-de başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol şertnama esasynda ýola goýulmalydyr.

Hukuk nukdaýnazaryndan seredilende, bankyň müşderisi bolup çykyş edýän subýekti kesgitlemäge esas bolýan şu aşakdaky görkezilen käbir alamatlar mahsusdyr:

1. Bankyň düýp mazmunyndan we ygtyýarlyklaryndan ugur almak bilen, banka haýsydyr bir işiň tabşyrylmagy.

2. Hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin, bankda hasaplaşyk, goýum, gündelik, karz we beýleki hasaplaryň şertnamalaýyn esaslarda açylmagy.

3. Bankyň müşderisi hökmünde başga bir karz edaralarynyň çykyş etmegi we beýlekiler.

Bulardan başga-da, şahsy taraplaryň geçirýän birnäçe amallarynyň bank bilen şertnamalary baglaşmazdan amala aşyrylýan görnüşleri hem bardyr. Olara mysal edip, fiziki şahslar tarapyndan nagt däl görnüşinde bankara üstaşyr hasaplaşyklarynyň geçirilmegini, «talap edilýänçä» şertli goýumlara şertnamalary baglaşmazdan pul serişdeleriniň goýulmagyny we beýlekileri görkezmek bolar.

Bank bilen müşderileriň arasynda baglaşylýan şertnamalarda kassa hyzmatlary, milli ýa-da daşary ýurt pulunda geçirilýän nagt däl görnüşindäki hasaplaşyklar, karzlar, goýumlar (depozitler) we olar boýunça ýerine ýetirilýän hyzmat haklarynyň alynyş usullaryny (göterim we göterim däl (komissiýa) görnüşinde), nyrhlaryň möçberini, hyzmatlary ýerine ýetirmegiň möhletlerini, taraplaryň borçlaryny, hukuklaryny we şertnamada gaýry möhüm bolan şertler görkezilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, müşderiler özleriniň pul serişdelerini saklamak, hasaplaşyklary geçirmek, karz, kassa we beýleki amallary ýerine ýetirmek üçin, karz edaralarynda bank hasaplaryny açmaga haklydyrlar. Şunda, karz edaralarynyň hünärmenleri islendik amal boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin, şertnamalary baglaşylmazdan ozal, onuň şertleri bilen müşderileri jikme-jik tanyşdyrmaga borçludyrlar.

Bank hyzmatlaryny ýola goýulanda ýurtda bolup geçýän ykdysady we syýasy ýagdaýlarynyň täsirini müşderiler bilen şertnamalaýyn gatnaşyklarda göz öňünde tutmak bank işinde möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Islendik şertde ýola goýulýan hyzmatdaşlyk banklara we hyzmat edilýän müşderilere ykdysady taýdan ygtybarly we bähbitli şertlerde guralmalydyr. Banklar tarapyndan şu şertleriň berjaý edilmezligi olaryň müşderiler binýadynyň kemelmegine, bankyň serişdeler binýadynyň ýaramazlaşmagyna we netijede bolsa, bankyň beýleki karz edaralaryndan satyn alýan serişdeleri üçin edilýän  çykdajylarynyň möçberiniň artyp, maliýe ýagdaýyna ýaramazlaşmagyna getirip biler. Şeýle ýagdaýlaryň emele gelmegine mysal edip, bir bankda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň nyrhlarynyň beýleki täjirçilik banklarynyňkydan has ýokary derejede kesgitlenilmegini, könelen kompýuter enjamlaryny ýa-da programma üpjünçiliklerini ulanylyp, bank hyzmatlaryny ýerine ýetirilende müşderileriň töleg-hasaplaşyklarynyň bökdelmegi we beýleki ýagdaýlary görkezmek bolar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde müşderileriň özlerine hyzmat etjek banklaryny erkin saýlamak hukugynyň bolmagy möhüm ýagdaýlaryň biridir. Şol ýa-da beýleki bir ýurduň syýasy ýagdaýlarynyň täsiri bilen, banklarda eýeçiligiň belli bir görnüşindäki müşderileriň arasyndaky şertnamalaýyn gatnaşyklaryň pudaklaýyn esaslarda (ýagny, belli bir pudagyň belli bir bankda hyzmat etmekligiň) ýola goýulmagy, bir tarapdan müşderileriň kanunçylyklarda göz öňünde tutulyşy ýaly, özlerine hyzmat etjek banklaryny erkin saýlap almak mümkinçiliginden mahrum edýän bolsa, beýleki tarapdan serişdeleriň belli bir banklarda jemlenmegine we birnäçe banklarda olaryň ýetmezçilik etmek mümkinçiligini ýüze çykarýar. Netijede, emele gelen ýagdaý banklaryň aktiw amallaryndan gazanýan göterim görnüşindäki gazanýan girdejileriniň (maržanyň) möçberiniň bir bankda ýokary bolmagyna, beýleki bir bankda pes bolup, olary düşewüntli dolandyrmaga we bazar gatnaşyklarynda banklaryň işini sagdyn bäsleşik esasynda ösdürmäge bökdençlik döredip bilýär.

Banklaryň müşderilerini aşakdaky görkezilen toparlara bölmek arkaly, dürli ölçegler we ýörelgeler boýunça häsiýetlendirilip bilner:

Hukuk derejesi boýunça müşderiler edara görnüşinäki we şahsy taraplara bölünýärler. Edara görnüşinäki tarap bolan müşderiler ykdysadyýetiň pudaklarynyň, uly, orta we kiçi telekeçiligiň, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň (döwlet, paýdarlar, kooperatiw) wekilleri bolup bilerler. Şahsy tarap bolan müşderilere olaryň jynsyna, milletine, raýatlylygyna ýa-da ýaşyna garamazdan islendik fiziki şahslar degişli bolup bilýär.

Hakyky bar ýagdaýa görä – häzirki döwürde hyzmat edilýän we gelejekki müşderileriň toparyna bölüp bolar. Birinji topara bankyň işewür deslapky hyzmatdaşlyklary ýola goýan müşderileri degişlidir, ikinji topara gelejekde bank hyzmatyndan peýdalanyp biljek müşderiler degişli bolup biler.

Göwrümi boýunça bankyň müşderileri maliýe mümkinçilikleriniň möçberine, işgärleriniň sanyna we ykdysady subýektleriň ussatlyk işiniň ölçeglerine laýyklykda, iri, orta we kiçi toparlara bölünýärler. Bu ölçegleri Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda kesgitlenilip, däp boluşy ýaly iri müşderiler bilen adatça baş banklar, orta we kiçi müşderiler bilen banklaryň şahamçalary işleşýärler.

Hyzmat ediş döwrüne görä köne we täze müşderileri tapawutlandyrylýar. Köne müşderilere uzak ýyllaryň dowamynda bank bilen hyzmatdaşlygy ýola goýup gelýän müşderiler degişlidir. Täze müşderilere bankda golaýda hasap açyp hyzmatdaşlygy ýola goýan we ozal hyzmatdaşlyk edilmedik müşderiler  degişlidir.

Karza ukyplylyk derejesi boýunça müşderiler «ynamly», «şübheli» we «ynamsyz» synplara bölünýärler. Banklar tarapyndan müşderileriň karza ukyplylyk derejelerini kesgitlemek adatça edara görnüşli taraplara degişli bolup, onda karz soraýan müşderiniň maliýe ýagdaýyny olaryň maliýe hasabatlary (balansy we ähli goşundylary) esasynda, dürli görkezijilere kesgitlenen derejeleriň (koefisientleriň) esasynda baha berilýär. Şunda, eger-de karz alýan müşderiniň maliýe ýagdaýy durnukly we karza ukyplylyk derejesi I synpa degişli bolsa, şol müşderä berilýän karzyň göterimini pes derejede kesgitlenilip, möçberini artdyrylyp, üpjünçiliklerini çäklendirip hat-da ynamly (üpjünçiliksiz) karz berlip hem bilner. Eger-de, müşderiniň karza ukyplylyk derejesi pes bolup, ol II ýa-da III synpa degişli bolan ýagdaýynda, karzlara kesgitlenilýän göterimiň derejesi ýokarlandyrylyp ýa-da olaryň üpjünçiligi hökmünde tiz ýerlemäge ukyply bolan (likwidli) emläkleri girew hökmünde üpjün edilmegini müşderiden talap edilip bilinýär.

Hyzmatyň häsiýeti boýunça bankyň müşderilerini däp bolan hyzmat edilýän topara we VIP müşderiler toparyna bölüp bolar. VIP müşderiler banklaryň hyzmatdaşlyk etmäge has gyzyklanma bildirýän müşderileri bolup, olara bank hyzmatlaryny amala aşyrmakda dürli ýeňillikleriň we amatlyklaryň döredilmegini göz öňünde tutulýar. Bazar gatnaşyklary şertlerinde VIP-müşderiler düşünjesi haçan-da, ýurtda banklar hususylaşdyrylan ýagdaýynda doly derejede öz manysyny tapýar.

Ykdysadyýetiň sektorlaryna degişliligi boýunça maliýe we maliýe däl sektorlaryň müşderileri tapawutlandyrylýar. Banklar adatça öz müşderilerini ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna (senagat, oba hojalyk, söwda we we beýleki pudaklara) bölmek arkaly häsiýetlendirýärler.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde ozaldan däp bolup gelen bank hyzmatlary bilen müşderileriň bank hyzmatlaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga ýeterlik bolmaýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurduň bank ulgamynda täze döwrebap innowasion tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, täze bank önümleriniň işe girizilmegi, hususy telekeçiligi ösdürilmegine badalga berilmegi şeýle hem banklaryň müşderileriniň dünýä banklarynyň iş tejribelerinde ulanylýan adaty bolmadyk bank hyzmatlaryna bolan isleglerininiň artýandygyny göz öňünde tutup, şol islegleriň kanagatlandyrmak boýunça düýpli özgerdişlikleriň amala aşyrylmagyny ýurduň karz edaralarynyň öňünde baş wezipe edip goýýar. Banklaryň däp bolan pul-karz we maliýe gatnaşyklary ilata durmuş taýdan hyzmat etmek babatynda müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak bilen utgaşmagy, ýurduň karz edaralarynyňişini döwrebap kämilleşdirmäge we ösdürmäge şert döredýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe işlemäge, döretmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk-de rowaç alsyn.

**Hüseýin HAJYGURBANOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2025 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2025 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2025




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№5
2025
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 июня 2025 года
Authorized capital size as of 1 June 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 June 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.06.2024 | 01.01.2025 | 01.06.2025 | 01.06.2025<br>01.01.2025-e, %-de | 01.06.2025<br>01.06.2024-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **150** | **149** | **149** | *100,0* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | **7 675 485** | | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **8 408,50** | | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 227,49** | **7 432,33** | **7 511,70** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **17 739,59** | **16 997,27** | **13 251,00** | *78,0* | *74,7* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **89 328,53** | **92 135,71** | **89 774,15** | *97,4* | *100,5* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **40 674,46** | **40 178,70** | **35 814,84** | *89,1* | *88,1* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2025 г.

Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2025 г.

Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of June 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **3** | **3** | **4** | **10** | **2** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2025 г.

Information on the authorized capital of credit institutions as of June 1, 2025

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 723 352,7 | 36,3 |
